**Türkmenistanyň Merkezi banky**
Центральный банк Туркменистана
Central Bank of Turkmenistan

# BANK HABARLARY
# БАНКОВСКИЙ ВЕСТНИК
# BANKING BULLETIN

**2025-nji ýylyň 1-nji mart ýagdaýyna**
на 1 марта 2025 года
as of March 1, 2025

**Aşgabat 2025**

# Mazmuny / Содержание


## HABARLAR / НОВОСТИ / NEWS

BANK IŞGÄRLERINIŇ HÜNÄR DEREJELERINI ÝOKARLANDYRMAK BOÝUNÇA OKUW MASLAHATLARY GEÇIRILDI
3

## SELJERIŞ MAKALALARY / АНАЛИТИЧЕСКИЕ СТАТЬИ

DURNUKLY YKDYSADY ÖSÜŞI ÜPJÜN ETMEKDE «ÝAŞYL» KARZLAŞDYRMASY KÄMIL MALIÝE GURALYDYR
5

DAŞARY YKDYSADY GATNAŞYKLARYŇ KÖPRÜSI
8

DÖWREBAP HYZMATLAR ÖSÜŞ ÝOLUNDA
13

RAÝATLARYŇ BÄHBIDINE GÖNÜKDIRILEN SANLY BANK HYZMATLARY
16

## SELJERIŞ MAGLUMATLARY
## АНАЛИТИЧЕСКИЕ МАТЕРИАЛЫ / ANALYTICAL MATERIALS

**TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI**
ТЕНДЕНЦИИ РАЗВИТИЯ БАНКОВСКОЙ СИСТЕМЫ ТУРКМЕНИСТАНА
DEVELOPMENT TRENDS OF THE BANKING SYSTEM OF TURKMENISTAN
20

**TABLISALAR** / ТАБЛИЦЫ / TABLES
22

# BANK IŞGÄRLERINIŇ HÜNÄR DEREJELERINI ÝOKARLANDYRMAK BOÝUNÇA OKUW MASLAHATLARY GEÇIRILDI

2025-nji ýylyň fewral aýynyň dowamynda Awaza milli syýahatçylyk zolagynda ýerleşýän «Hazyna» hojalyk jemgyýetinde bank ulgamynyň hünärmenleri üçin hünäri ýokarlandyryş okuw maslahatlary geçirildi.

2025-nji ýylyň 3-7-nji fewraly aralygynda ýurdumyzyň bank ulgamynda işleýän ýaş hünärmenler üçin Gökderede ýerleşýän Hünäri ýokarlandyrmak bölüminde geçirilen «Bank işi» atly okuw maslahatynda täjirçilik banklarynyň lizing, faktoring we forfeýting amallary, nagt däl hasaplaşyklary ösdürmekde bank kartlarynyň ähmiýeti, bank işiniň kadalaşdyrylyşy, bankyň aktiw we passiw amallary, ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny berkitmekde bank ulgamynyň orny, halkara amallaryň töleg balansynda hasaba alnyşy barada giňişleýin gürrüň berildi.

2025-nji ýylyň 17-21-nji fewraly aralygynda ýurdumyzyň banklarynyň Daşary ýurt puluny kadalaşdyryş we daşary ykdysady gatnaşyklar we Halkara amallar müdirlikleriniň (bölümleriniň) hünärmenleri üçin Gökderede ýerleşýän Hünäri ýokarlandyrmak bölüminde «Banklarda daşary ýurt puluna gözegçilik we halkara amallar» atly okuw maslahaty geçirildi. Okuw maslahatynyň dowamynda daşary ýurt pulunda ýerine ýetirilýän amallar, halkara töleg ulgamynda pul serişdeleriniň dolanyşygy, diling amallarynyň alnyp barlyşy we bu boýunça resminamalaryň alnyp barlyşy, maliýe goýumlarynyň hasaba alnyşynyň auditi, dünýä bazarynyň emele gelmegi we halkara söwdasy, bank işini kämilleşdirmekde daşary ýurt tejribesi we milli ýörelgeleri barada giňişleýin gürrüň berildi.

Şu ýylyň 24-28-nji fewraly aralygynda karz edaralarynyň şahamçalarynyň dolandyryjylary we dolandyryjylarynyň orunbasarlary üçin Gökderede ýerleşýän Hünäri ýokarlandyrmak bölüminde geçirilen «Bank töwekgelçiligini dolandyrmak» atly okuw maslahatynda bank töwekgelçiligi, görnüşleri we olary dolandyrmagyň usullary, karz registri we onuň ähmiýeti, gözegçilik barlagynyň geçirmegiň aýratynlyklar, esasy makroykdysady meseleler we milli hasaplar ulgamy, karzlaryň hasaba alnyşynyň auditi, «Karz taryhy» merkezleşdirilen maglumat binýadyny dolandyrmagyň we ony ulanmagyň düzgünleri barada giňişleýin gürrüň berildi.

Geçirilen okuw maslahatyň dowamynda auditorlara bildirilýän hünär derejesiniň talaby we auditorlyk işiniň ahlak kadalary, şübheli amallaryň alamatlary, amallary amala aşyrýan şahslar tarapyndan müşderileriň we olaryň benefisiar eýeleriniň talabalaýyk barlagy ýaly ugurlarda çykyşlar diňlenildi we gyzyklandyrýan soraglar boýunça bank ulgamynyň wekilleri özara pikir alyşdylar.

Banklaryň kibergorag merkezleriniň we maglumat howpsuzlygy bölümleriniň hünärmenleri üçin fewral aýynyň 17-21-nji senelerinde «Hazyna» hojalyk jemgyýetinde «Maglumat we kiberhowpsuzlygyň üpjün edilişi» atly okuw maslahaty geçirildi. Okuw maslahatlarynyň dowamynda banklarda maglumat we kiberhowpsuzlyk talaplarynyň berjaý edilişi, «Log» ýazgylarynyň merkezleşdirilen tertipde jemlenilmegi we seljerilmegi, SIEM ulgamy, «Defence in depth» maglumat howpsuzlyk strategiýasynyň tapgyrlaryny ýerine ýetirmek, kiberhadysalara garşy durmak, olara jogap gaýtarmagyň düzgünleri we usullary, banklarda maglumat aktiwleriniň tükellemesini geçirmegiň tertibi we düzgünleri ýaly ugurlarda bank ulgamynyň wekilleri özara pikir alyşdylar.

Mundan başga-da geçirilen okuw maslahatlarynyň dowamynda Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Kibergorag merkezi bilen utgaşykly işlemegiň tertibi we düzgünleri barada giňişleýin

gürrüň berildi. Bank ulgamynyň işini kämilleşdirmek boýunça kabul edilen kadalaşdyryjy hukuknamalar, müşderilere hyzmat etmegiň döwrebap usullary, bank işgärleriniň hünärini kämilleşdirmek boýunça daşary ýurt tejribelerini paýlaşmak geçirilen okuw maslahatlarynyň esasyny düzdi.

Meýilnama laýyklykda geçirilen okuw maslahatlaryna bank ulgamynyň 100-den gowrak işgäri gatnaşdy.

TMB-niň Ylmy-önümçilik geňeşi



# DURNUKLY YKDYSADY ÖSÜŞI ÜPJÜN ETMEKDE «ÝAŞYL» KARZLAŞDYRMASY KÄMIL MALIÝE GURALYDYR

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan halkyň bähbidine gönükdirilen ykdysady özgertmelerini üstünlikli dowam etdirýän we durmuşa geçirýän Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ylma daýanýan we innowasion tehnologiýalara esaslanýan öňdengörüjilikli ykdysady syýasatynyň durmuşa geçirilmeginiň netijesinde milli ykdysadyýetimiz dünýä nusgalyk durnukly ösüşlere eýe bolýar.

Şu nukdaýnazaryndan ugur alnyp ýurdumyzyň bank ulgamynda hem, halkara tejribesine daýanýan, döwrebap innowasion sanly tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy netijesinde, dürli ugurly bank karzlaryny ilat köpçüligine we bank müşderilerine yzygiderli esasda hödürlenýär. Täjirçilik banklaryň dürli görnüşli bank karzlaryndan peýdalanýan bank müşderileriniň sany hem-de bank müşderilerine berlen karzlaryň pul möçberleri boýunça günsaýyn köpelýär.

«Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda» hem-de «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuşy-ykdysady taýdan ösdürmegiň maksatnamasynda» kabul edilen wezipeleriň bank ulgamy tarapyndan üstünlikli ýerine ýetirilmeginde birnäçe wezipeler kesgitlenendir. Milli maksatnamada kabul edilen «Ýaşyl ykdysadyýeti» ösdürmegiň esasy ugurlary atly bölüminde ýurduň ösüşiniň ýaşyl ykdysadyýet ugruny, serişdeleriň galyndysyz peýdalanylmagyny (sirkulýar ykdysadyýet) ýokary derejede ulanmagy göz öňünde tutýan güýçli durnuklylyk modeli goýlandyr we baş maksat hökmünde jemgyýetiň durmuşynyň ähli ulgamlarynda hemmetaraplaýyn (inklýuziw) durnukly ýaşyl ykdysadyýetiň ösüşini üpjün etmek bolup durýar.

Şu nukdaýnazaryndan hem-de halkara tejibelerinden ugur alnyp, ýurdumyzyň banklary tarapyndan hem durnukly ykdysady ösüşi üpjün etmekde ýaşyl karzlaşdyrmak düşünjesiniň ulanylmagy babatyndaky meseläniň öwrenilmegini we durmuşa ornaşdyrylmagyny maksadalaýyk hasap edilip teklip edilýär. Daşky gurşawy goramak babatynda döwlet syýasatyň strategik maksady ähli ýerde «ýaşyl ykdysadyýetiň» ýörelgelerini ornaşdyrmagyň we tebigy ulgamlary mümkin bolan derejede saklap galmagyň esasynda jemgyýetiň we raýatlaryň ýaşaýşy we işi üçin ekologiýa taýdan amatly şertlerini üpjün etmek bolup durýar.

Ileri tutulýan ugurlaryň hataryna «akylly şäher» konsepsiýasyny durmuşa geçirmek, galyndylary dolandyryş ulgamyny düýpli özgertmegiň esasynda zyýansyz dolanyşygy bolan ykdysadyýeti ösdürmek, gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmelerinden peýdalanmak mümkinçiligini ýokarlandyrmak,





ýurduň suw gorlaryny gorap saklamagyň hem-de suw serişdelerini peýdalanmagyň netijeliligini ýokarlandyrmakdan, olaryň hilini jemgyýetiň zerurlyklaryna üýtgemegine laýyklykda gowulandyrmak ýaly çäreler degişlidir.

Önümçiligiň we sarp edişiň innowasion işewürlik modellerini ornaşdyrmagyň çäklerinde gaýtadan işleýän senagatyň önümçiliklerinde ikinji çig malyň has doly derejede gaýtadan işlenilmegini üpjün etmek, şeýle hem bölek satuwda we sarp ediş derejelerinde azyk galyndylarynyň emele gelýän möçberlerini azaltmak, önümçilik-ýerleýiş zynjyrynyň ähli tapgyrlarynda azyk önümleriniň ýitgisini peseltmek hem zerur hasaplanylýar.

Durnukly ykdysady ösüşiň täze ugrunyň esasy hereketlendiriji güýji ýaşyl ykdysadyýet bolmalydyr we ýurdumyzyň banklary tarapyndan bu ugurlara karz serişdeleri berlende ýaşyl karzlaşdyrmak düşünjesinden ugur alnyp, berilýän karz serişdeleriniň göterim möçberiniň pes we uzak möhlete berilýän karzyň bolmagyny gazanmakdan ybarat bolup durýar. Netijede, suw serişdelerini tygşytly peýdalanmaga, energiýany we serişdeleri tygşytlamaklyga, uglerod zyňyndylarynyň azaldylmagyna, ekologiýa taýdan arassa önümçilige (ýyladyşhanalar) we ulaglara, energiýanyň gaýtadan dikeldilýän çeşmelerine, organiki (tebigy) önümleriň öndürilmegine, ekologik ösüşe - daşky gurşawa örän az täsir edýän gurluşyga esaslanýan innowasion «ýaşyl» tehnologiýalar onuň baş gurallary bolup çykyş edýär.

Bu innowasion tehnologiýalar, işewürligiň täze görnüşlerini, şeýle hem jemgyýetiň galyndysyz ykdysadyýetiň ýörelgelerine laýyk gelýän işewürlik-özara hereketiň täze görnüşlerini döretmäge mümkinçilik berýär. Asyl manysynda ýaşyl karzlaşdyrmak düşünjesi - bu tebigata zyýansyz we durnukly ösüş maksatlaryna laýyk gelýän taslamalary goldamak üçin maliýe serişdeleriniň goýberilmegini aňladýar. Bu düşünjeler esasan hem daşky gurşawa oňyn täsir edýän, energiýa tygşytlaýjy we ekologiýa taýdan arassa taslamalara gönükdirilýär.

Onuň esasy aýratynlyklary şu aşakdakylardan ybaratdyr:

- adaty karzlardan tapawutlylykda ekologiýa taýdan peýdaly taslamalar üçin berilýär (gün panelleri, energiýa tygşytlaýjy enjamlary öndürijiler, ýyladyşhanalar, ekologiýa taýdan arassa önüm öndürijiler (agyz suw önümçiligi, suwy tygşytly ulanýan enjamlar we serişdeler (damjalaýyn usul, sepeleme, ýagyş ýagdyryjy usul we ş.m.);
- karz alyjylara ýeňillikli şertler hödürlenýär (pes derejeli göterimler, uzak möhlet);

(Şekil 1)




- karzyň maksady ekologiýa taýdan arassa taslamalary ösdürmekdir;
- daşky gurşawa edýän täsiri bahalandyrmak üçin aýratyn gözegçilik ulgamy bar.

Türkmenistanyň pul-karz syýasatynyň esasy maksady hem milli pulumyzyň satyn alyjylyk

ukybyny berkitmek bilen, ýurdumyzyň senagat we innowasion taýdan ösüşine goldaw bermek arkaly onuň ösüşine goşmaça itergi bermekden ybarat bolup durýar.

Muňa mysal hökmünde, 2025-nji ýylyň 1-nji ýanwar ýagdaýyna galýan täjirçilik banklarynyň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň pul möçberleriniň galyndylarynyň eýeçiligi boýunça bölünişiginiň galyndysyny, degişliligi boýunça 2024-nji ýylyň 1-nji ýanwar ýagdaýy bilen deňeşdirilen 1-nji şekile syn etmek bolar.

1-nji şekilden görnüşi ýaly, ýurdumyzyň täjirçilik banklary tarapyndan döwlet eýeçiligine degişli kärhanalara we guramalara berlen karzlaryň galyndysynyň möçberi 2025-nji ýylyň 1-nji ýanwar ýagdaýyna 55 008 mln. manada deň, geçen ýylyň degişli döwründe bolsa 52 128 mln. manada deňdir. Netijede 2 880 mln. manada çenli berilen karzlaryň möçberi azalypdyr.

Döwlet eýeçiligine degişli bolmadyk kärhanalara we guramalara berlen karzlaryň galyndylary hasabat senesine 14 761 mln. manada deň bolup, degişliligi boýunça geçen ýylyň hasabat döwrüne galyndysy 12 287 mln. manada deňdir we netijede bolsa, 2 474 mln. manat möçberinde berlen karzlar artypdyr.

Täjirçilik banklary tarapyndan ýurdumyzyň raýatlaryna we edara görnüşindäki tarapy döretmeýän telekeçilere berlen karzlaryň galyndylary hasabat senä 25 247 mln. manada deň bolup, geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende bolsa, 21 807 mln. manada deň boldy. Bu ugurlarda hem hususy tarapa berlen karzlaryň möçberi 3 440 mln. manat möçberinde ýokarlanypdyr.

Netijede geçirilen sejermede görnüşi ýaly täjirçilik banklary tarapyndan bankyň müşderilerine berilýän dürli ugurly karzlaryň görnüşleri boýunça alanymyzda döwlet eýeçiligine degişli bolmadyk kärhanalara we guramalara berlen karzlaryň galyndylary hem-de täjirçilik banklary tarapyndan ýurdumyzyň raýatlaryna we edara görnüşindäki tarapy döretmeýän telekeçilere berlen karzlaryň galyndylary geçen ýylyň degişli döwürine garanyňda ep-esli möçberde ýokarlanypdyr. Diýmek, ýurdumyzyň ykdysadyýetini ösdürmeklige berilýän karzlaryň içinde hususy taraplara berilýän dürli görnüşli karz serişdeleriň möçberiniň ýokary bolmagy hormatly Prezidentimiziň tagallalary esasynda hususy ulgama berilýän goldawlaryň netijeleridir.

Ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan berilýän karzlaryň görnüşlerini has-da kämilleşdirmek we ösdürmek, hem-de bular babatynda banklaryň müşderilerine hödürlenýän bank hyzmatlarynyň gerimini has-da giňeltmek we olaryň hilini ýokarlandyrmak babatynda banklar tarapyndan ýaşyl karzlaşdyrmak düşünjesinde beriljek karz serişdeleriniň hususy telekeçilik başlangyçlarynyň, mikro, kiçi, orta we iri hususy kärhanalaryň hödürleýän «ýaşyl ykdysadyýet» düşünjesine dogry gabat gelýän taslamalaryna ýeňillikli şertlerde karzlaşdyrylmagy dowam etdirmek kanuny ýagdaýdyr. Muňa mysal hökmünde oba hojalyk pudaklaryny, şol sanda ösümlik-bagçylyk, gök ekerançylyk ýaly ugurlary, energiýa we tebigy serişdelerini tygşytlaýjy tehnologiýalarynyň maksatlaýyn ýaşyl karzlaşdyrmak arkaly alnyp barylmagy döwrebap maliýe guralydyr.

Milli ykdysadyýetimizi diwersifikasiýalaşdyryp ösdürmekde we ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da ýokarlandyrmakda ýadawsyz tagallalary edýän Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlarynyň sag, ömürleriniň uzak bolmagyny, il-ýurt bähbitli durmuşa geçirýän işleriniň hemişe rowaç almagyny arzuw edýäris!

**G. MYRADOW,**
Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň
«Bank işi» kafedrasynyň müdiriniň w.w.ý.ý., mugallym

## SELJERIŞ MAKALALARY

# DAŞARY YKDYSADY GATNAŞYKLARYŇ KÖPRÜSI

Türkmenistan döwletimiz häzirki taryhy döwürde dünýä jemgyýetçiliginiň ähli ugurlar babatdaky ösüşine laýyk gelýän özgertmeleri tapgyrlaýyn durmuşa ornaşdyrýar. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzyň milli ykdysady kuwwatyny ýokarlandyrmak babatda dünýä tejribesini özleşdirmek bilen, raýatlara döredilýän şertlerde döwrebaplyk ýörelgelerinden ugur alynýar. Ýurdumyzda durnukly ykdysady ösüşiň çäklerinde döwlet maksatnamalary üstünlikli durmuşa geçirilýär. Bu maksatnamalaýyn işleriň çygrynda ýurduň maliýe-bank ulgamynyň hem özboluşly ähmiýete eýe bolup durýandygyny bellemek zerur.

Milli özygtyýarlylygyny gazanmak bilen özbaşdak dolandyryş ulgamyny, şol sanda milli maliýe-bank ulgamyny döreden Türkmenistan döwletimiz garaşsyzlyk ýyllarynda uly ösüşlere ýetdi. Bu ösüşleriň şerti hökmünde degişli pudagyň işinde öňdebaryjy tejribä, ylmyň soňky gazananlaryna eýerip, dünýäniň ykdysady ulgamyna goşulyşmagyň işjeňleşdirilmegini, ykdysadyýetiň pudaklarynyň arasyndaky baglanyşygyň üpjün edilmegini gazanmak zerur bolup durýar.

Halkara maliýe-bank ulgamyndaky gatnaşyklaryň ösdürilmeginde, iri maýa goýum taslamalaryny maliýeleşdirmek we dolanyşyk serişdelerini üpjün etmekde hem-de raýatlara edilýän hyzmataryň ýeňillikli amal edilmeginde Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky hem baý tejribä eýedir. Bu bankyň döwlet maksatnamalaryndan gelip çykýan wezipeleri yzygiderli durmuşa geçirmek bilen maýa goýum syýasatyny ilerletmekde, bu babatda daşary ýurt kompaniýalaryny hyzmatdaşlyga işjeň çekmekde mynasyp tagallalaryny bellemek gerek.

Milli ykdysadyýetimiziň strategik pudaklarynyň döwlete degişli edaralar, maliýe guramalary we hususy kärhanalar, bankyň müşderileriniň esasyny düzýär. Soňky ýyllarda Aziýa-Ýuwaş ummany sebitiniň ýurtlarynyň, esasan hem Ýaponiýanyň, Koreýa Respublikasynyň, Hytaýyň, Birleşen Arap Emirlikleriniň we beýleki döwletleriň öňdebaryjy maliýe guramalary bilen hyzmatdaşlyk işjeň häsiýete eýe boldy. Häzirki wagtda bank dünýäniň ýigrimä golaý ýurdunyň elliden gowrak daşary ýurt banklary we maliýe guramalary bilen işjeň hyzmatdaşlygy netijeli dowam etdirýär we ýylsaýyn ösdürýär. Bu bolsa halkara hasaplaşyklary we müşderileriň sargytlary boýunça tölegleri çalt hem-de netijeli amala aşyrmaga ýardam edýär. Bank halkara maliýe guramalary we ösüş gaznalary, halkara banklar bilen hyzmatdaşlyk pudagynda Yslam ösüş banky, Aziýanyň ösüş banky, OPEK Halkara ösüş gaznasy we beýleki banklar, gaznalar bilen gatnaşyklaryň ösdürilmegine aýratyn ähmiýet berýär.

Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky Türkmenistanyň Hökümetiniň adyndan 1994-nji ýylyň 13-nji sentýabryndan bäri Yslam Ösüş Bankynyň agzasy, 2001-nji ýylyň 20-nji oktýabryndan bäri Hususy Pudagy Ösdürmek boýunça Yslam Korporasiýasynyň agzasy, 2019-njy ýylyň 14-nji aprelinden bäri hem Maýa goýumlary we eksport karzlary ätiýaçlandyrmak boýunça Yslam korporasiýasynyň agzasy, şeýle-de 2021-nji ýylyň 22-nji dekabryndan bäri Söwdany maliýeleşdirmek boýunça halkara Yslam Korporasiýasynyň agzasy bolup çykyş edip gelýär.

Milli ykdysadyýetimiziň durnukly ösmegi onuň ulag we aragatnaşyk, nebit-gaz, ýangyç-energetika, senagat, söwda, oba hojalygy, gurluşyk pudaklarynda, hyzmatlar ulgamynda öndürijilikli netijeleriň günsaýyn artmagyna, kiçi we orta telekeçiligiň barha ösmegine öz oňyn täsirini ýetirýär.

Ýurdumyzyň mümkinçilikleriniň açylmagynda we ähli pudaklaryň işiniň ilerlemeginde daşary ýurtly maýa goýujylaryň hyzmaty uly bolup, olar ýurdumyzda köp sanly iri taslamalaryň durmuşa geçirilmegine goşant goşýarlar. Esasan-da, olaryň degişli taslamalary maliýeleşdir-

meginde Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň daşary ýurtly taraplar bilen baglaşan şertnamalary hem-de ylalaşyklary uly hyzmata eýedir. Şunuň bilen baglylykda, milli eksport-import we eksport ätiýaçlandyryş bilen hyzmatdaşlyk babatda bank Ýaponiýanyň Halkara hyzmatdaşlyk banky we Ýaponiýanyň eksporty we maýa goýumy ätiýaçlandyryş guramasy (NEXI), Günorta Koreýanyň Eksport-import banky we Koreýanyň söwdany ätiýaçlandyryş guramasy (K-Sure), Hytaýyň Eksimbanky, Germaniýadaky Euler Germes, Italiýanyň SACE eksport ätiýaçlandyryş kompaniýasy, Şweýsariýanyň eksport töwekgelçiliklerini ätiýaçlandyryş guramasy (SERV) bilen işewürlik hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ýola goýdy. Bu bolsa öz nobatynda milli ykdysadyýetiň möhüm pudaklarynda taslamalary maliýeleşdirmegiň esasy çeşmelerini kesgitleýär.

Diýarymyzyň dürli künjeklerinde ykdysadyýetiň möhüm pudaklaryna degişli desgalaryň taslamalarynyň amal edilmeginde bank möhüm orun eýeleýär. Bank bu ugurlar boýunça karz ylalaşyklarynyň baglaşylmagynda wajyp hyzmaty ýerine ýetirýär. Maliýe we bank işini alyp barmakda bankyň esasy maksady daşary ýurt maýa goýujylaryny ýurduň iri taslamalaryna çekmekden ybaratdyr. Bu ugurda bolsa geçen ýyllaryň dowamynda köp sanly taslamalardyr degişli işler durmuşa geçirildi.

Soňky ýyllarda daşary ýurt kompaniýalary bilen karz ylalaşyklarynyň hasabyna birnäçe giň gerimli taslamalaryň gurluşygy alnyp baryldy. Gyýanlyda polipropilen we polietilen önümçiligi boýunça zawodyň gurluşygy, Garabogazda karbamid zawody hem-de Owadandepede gazy gaýtadan işlemek we ondan benzin öndürmek boýunça senagat toplumy, şeýle-de Mary şäherinde ammiak we karbamid öndürýän zawodlar toplumy we beýleki iri önümçilik desgalary guruldy we ýurdymyzyň eksport kuwwatyny artdyrmak üçin mümkinçilikler döredildi.

Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky bilen Germaniýanyň iri «Commerzbank AG» bankynyň hyzmatdaşlygynda ýurdumyzyň Oba we suw hojalyk ministrligi üçin Ýewropanyň (Germaniýa, Fransiýa, Italiýa, Niderlandlar) önümçiligi bolan oba hojalyk tehnikalarynyň getirilmegini maliýeleşdirmek boýunça karz ylalaşygyny, Türkmenistanyň energiýa ulgamyny döwrebaplaşdyrmak boýunça taslamany maliýeleşdirmek üçin Aziýanyň ösüş banky bilen, Ýaponiýanyň Halkara hyzmatdaşlyk banky we gatnaşyjy maliýe guramalar bilen, Sweýsariýanyň «Credit Suisse AG» we Germaniýanyň «Commerzbank AG» bilen ylalaşyklara gol çekilmegini we beýleki onlarça taslamalary we önümçilik düzümlerini bank tarapyndan ýola goýlan maýa goýum taslamalaryna deliller hökmünde görkezmek bolar.

Bulardan başga-da, daşary ýurt maýa goýumlarynyň çekilmegi bilen amal edilýän maýa goýum taslamalary ýylsaýyn artýar. Türkmenistanda kiçi we orta telekeçiligi goldamak we bu ugurda taslamalary maliýeleşdirmek üçin hem Yslam Ösüş bankynyň Hususy ulgamy ösdürmek boýunça Yslam korporasiýasy we OPEK Halkara ösüş gaznasy bilen maliýe ylalaşygyna gol çekildi we doly özleşdirildi.

«Türkmenistanyň daşary ykdysady işini ösdürmegiň 2020 — 2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasyny» üstünlikli durmuşa geçirmekde «Türkmenistan - Owganystan - Pakistan -Hindistan» gaz geçirijisiniň ýurdumyzyň çägindäki böleginiň gurluşygyny maliýeleşdirmek boýunça halkara maliýe guramalary we banklary bilen degişli işler dowam etdirilýär. Bu gaz geçirijiniň Türkmenistanyň çägindäki ähli gurluşyk işlerini gurnamak hem-de turbalaryň we degişli enjamlaryň satyn alynmagyny maliýeleşdirmek boýunça Yslam Ösüş banky we Saud Ösüş gaznasy bilen degişli karz ylalaşyklaryna gol çekildi.

Geçen ýyllarda Yslam ösüş bankyndan we OPEK Halkara ösüş gaznasyndan iki sany «Ro-Ro» görnüşli gämini we bir sany ýük gämisini gurmak boýunça taslamalary maliýeleş-

dirmek üçin karz serişdelerini çekmek boýunça ylalaşyk baglaşyldy. Şeýle hem Gahryman Arkadagymyzyň 2019-njy ýylda Italiýa döwletine bolan resmi saparynda Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi bilen Italiýanyň «Adipson Ind. Srl» kompaniýasynyň arasynda gol çekilen Memorandum esasynda Lebap welaýatynda buýan köküni gaýtadan işläp, ýylda 390 tonna glisirrizin turşusyny öndürýän kärhanany gurmak işlerini maliýeleşdirmek üçin Italiýanyň Banca Monte dei Paschi di Siena bankynda karzyň hasabyna akkretidiw açyldy.

Geçen ýyllaryň dowamynda Türkmenistanyň Energetika ministrliginiň «Türkmenenergo» döwlet elektroenergetika korporasiýasynyň Gaz turbinaly elektrik stansiýalary üçin ätiýaçlyk şaýlarynyň we howa süzgüçleriniň satyn alynmagyny maliýeleşdirmek hakyndaky Türkmenistanyň Prezidentiniň kararyny ýerine ýetirmek maksady bilen, Niderlandlar Patyşalygynyň «ING Bank N.V.» bankynyň Ýaponiýanyň Tokio şäherindäki şahamçasy bilen karz ylalaşyklaryna gol çekildi. 2021-nji ýyldan bäri Birleşen Arap Emirlikleriniň Abu-Dabi Ösüş gaznasy bilen amala aşyrylýan hyzmatdaşlygyň çäginde Balkan welaýatynyň Serdar etrabynda kuwwaty 10 megawat bolan köpugurly elektrik stansiýasyny, Balkan welaýatynyň Jebel şäherçesinde howa menzil toplumyny gurmak taslamalaryny maliýeleşdirmek üçin karz ylalaşyklary baglaşyldy we häzirki wagda berlen karz serişdeleri özleşdirilýär.

Mundan başga-da, Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky bilen Arap we fransuz banklary bileleşiginiň arasynda hyzmatdaşlyk etmek hakynda Ylalaşyga gol çekildi. Munuň özi eksport-import amallaryny maliýeleşdirmek, Türkmenistanyň bilen Fransiýanyň arasynda söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmek, şeýle hem milli ykdysadyýetimize maýa goýumlary çekmek bilen bagly hyzmatdaşlygy ilerletmegi göz öňünde tutýar.

Ýurdumyzy köpugurly esasda hem-de döwrüň talaplaryna laýyklykda ösdürmegiň esasy ugurlarynyň biri halkara guramalardyr düzümler bilen hyzmatdaşlygy ilerletmek bolup durýar. Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda daşary-ykdysady gatnaşyklaryň çäklerinde dünýäniň abraýly maliýe guramalary, şol sanda Yslam ösüş banky (YÖB) bilen hem bilelikdäki özara bähbitli gatnaşyklar dowam etdirilýär. 2024-nji ýylyň 19-njy sentýabrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow bilen Yslam ösüş bankynyň ýolbaşçysy Muhammad Al Jasseriň arasynda geçirilen duşuşykda hyzmatdaşlygyň täze gözýetimleri dogrusynda pikir alşyldy.

Duşuşygyň dowamynda Türkmenistan bilen YÖB-niň arasynda energetika, ulag ulgamy, saglygy goraýyş, aragatnaşyk ýaly ulgamlarda taslamalaryň durmuşa geçirilmegi gatnaşyklaryň esasy ugurlary hökmünde görkezildi. Şunda maliýe-bank ulgamynda YÖB bilen ýurdumyzyň banklarynyň arasynda hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak üçin giň mümkinçilikleriň bardygyna aýratyn üns çekildi. Şunda Balkanabat we Türkmenabat şäherlerinde hersi 150 orunlyk onkologiýa merkezleriniň gurluşyklarynyň taslamalaryny maliýeleşdirmek hyzmatdaşlygyň möhüm ähmiýetli tapgyryna öwrüler. Bu taslamalaryň durmuşa geçirilmegi netijesinde, milli saglygy goraýyş ulgamynyň infrastrukturasy has-da giň gerime eýe bolar.

Geçen ýyl Yslam ösüş banky bilen alnyp barylýan gatnaşyklaryň ýola goýulmagyna 30 ýyl doldy. Bu döwürde taraplaryň bilelikdäki tagallalary netijesinde, YÖB ýurdumyzda 20-den gowrak taslamalary maliýeleşdirmäge gatnaşdy. Täze guruljak saglygy goraýyş desgalary hem ygtybarly hyzmatdaşlygyň aýdyň netijesine öwrüler.

Golaýda Saud ösüş gaznasynyň Baş direktory Sultan Abdulrahman Al-Marşadyň ýolbaşçylygyndaky wekiliýetiň ýurdumyza sapar bilen gelmegi daşary ykdysady gatnaşyklaryň täze sahypasyna öwrüldi. Saparyň dowamynda hormatly Prezidentimiziň hyzmatdaş guramanyň

ýolbaşçysy bilen geçiren duşuşygynda geljegi uly ugurlar boýunça gatnaşyklary ösdürmegiň meseleleri maslahatlaşyldy. Köp ýyllaryň dowamynda işjeň hyzmatdaşlyk alnyp barylýan gurama Türkmenistanyň maýa goýum mümkinçiliklerine gyzyklanma bildirýär. Şunuň bilen baglylykda, nobatdaky saparyň dowamynda saud maýasynyň gatnaşmagyndaky gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleri, suw we oba hojalygy, saglygy goraýyş ulgamlaryndaky geljegi uly taslamalar gözden geçirildi. Saud ösüş gaznasynyň wekilleriniň Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň ýolbaşçylary bilen geçiren duşuşygynda Türkmenistanyň Hökümeti bilen Saud ösüş gaznasynyň arasynda Mary şäherinde 200 orunlyk onkologiýa merkeziniň gurluşygynyň taslamasyny maliýeleşdirmek üçin Karz ylalaşygyna gol çekildi. Bu resminama hyzmatdaşlygy has pugtalandyrmaga we täze ugurlar boýunça giňeltmäge gönükdirilip, ýurdumyzyň ykdysady kuwwatynyň netijeli ýokarlanýandygyny görkezýär.

Ýurdumyzda nagt däl hasaplaşyklaryň gerimini giňeltmek, raýatlara hödürlenilýän hyzmatlaryň görnüşlerini artdyrmak boýunça geçirilýän işleriň çäklerinde bank tarapyndan halkara «VISA» töleg ulgamy bilen bilelikde «Milli VISA karty», «Owerdraft karty» ýaly bank kartlary, «Visa Virtual» elektron karty ornaşdyryldy hem-de «Elektron söwda», «Internet-bank» hem-de «Onlaýn-karz» hyzmatlary işe girizildi. Maýa goýumlary işjeň çekmek baş maksady bolan bankyň içerki serişde dolanyşygyny, bank amallaryny hem beýleki banklar bilen deň depginde alyp barmagy Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň tejribesiniň hemmetaraplaýyn häsiýete eýedigini aýdyň görkezýär.

Häzirki döwrüň geljegi uly ugurlarynyň biri hem döwrebap tehnologiýalary, şol sanda töleg kartlarynyň işjeňleşdirilmegine esaslanýan nagt däl hasaplaşyklaryň usulyny giňden ornaşdyrmak bolup durýar. Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky bu ugurda sanly ulgamy ornaşdyrmakda birnäçe taslamalary durmuşa geçirdi, «VISA» kartlarynyň ulanylyşyny, «Internet-bank» hyzmatyny, umuman dünýä tejribesinden gündelik özleşdirilýän we milli şertlere laýyklykda ulanyşa goýberilýän işleri ilkinjileriň hatarynda ýola goýdy.

Döwlet Baştutanymyz ýurdumyzyň daşary ykdysady gatnaşyklarynda möhüm wezipeleriň biri bolan bank ulgamyndaky hyzmatdaşlyklaryň, «Fitch Ratings» halkara agentligi tarapyndan Türkmenistana berlen halkara derejeleriň ýurdumyzyň halkara maliýe abraýyny has-da ýokarlandyrýandygyny nygtaýar. Geçen 2023-nji ýylyň 4-nji awgustynda hem-de 2024-nji ýylyň ýanwar aýynda ikinji gezek «Fitch Ratings» agentliginiň geçiren seljermeleri netijesinde, halkara reýting agentligi Türkmenistanyň reýtingini «B+ oňyn» derejesinde çaklama bilen tassyklady. 2024-nji ýylyň awgust aýynda bolsa agentlik tarapyndan Türkmenistanyň reýtingi «B+ oňyn» derejesinden «BB- durnukly» çaklama bahasyna çenli ýokarlandyryldy. Munuň özi bankyň köpugurly işiniň ygtybarlylygyny, hyzmatlarynyň yzygiderli kämilleşdirilýändigini aýdyň görkezip, ýurdumyza çekilýän maýa goýumlarynyň möçberini artdyrmaga we karzlaryň şertlerini ýeňilleşdirmäge, netijede ýurduň daşary ykdysady işini has-da ösdürmäge ýardam edýär.

Milli maliýe we bank ulgamynyň maýa goýum syýasatynyň ösmegine itergi berýän işleriň hatarynda Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň gatnaşmagynda «Türkmen maýa goýum kompaniýasy» ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň döredilmegi maýa goýum syýasatynyň has ilerlejekdigine güwä geçýär. Bu hem öz gezeginde ýurduň netijeli ykdysady özgertmesi bolup, ähli pudaklaryň işi bilen utgaşykly sazlaşygy emele getirýär.

Şu ýylyň 31-nji ýanwarynda geçirilen Ministrler Kabinetiniň mejlisinde hormatly Prezidentimize Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň sanly hyzmatlarynyň çygrynda «Galkynyş» töleg ulgamyny taýýarlamak boýunça degişli işleriň geçirilendigi barada habar

berildi. Bu ulgam menzilara bank hyzmatlarynyň hilini has-da ýokarlandyrmaga, raýatlara bank amallaryny çeýe we bitewi ulgamlaýyn peýdalanmaga mümkinçilik berýär. Töleg ulgamy «Internet-bank» we «Mobil-bank» sanly taslamalarynyň dünýä tejribesinde gazanylanlaryň iň täze we oňaýly mümkinçiliklerini özünde jemleýär. Bu ulgamyň ykjam enjamlar arkaly ulanylýan programma üpjünçiligi ondan dürli ýerde we islendik wagtda peýdalanmaga ýardam edýär. Bu ulgam fiziki we ýuridiki taraplara menzilara bank hyzmatlarynyň giň toplumyny — tölegleri amala aşyrmak, pul serişdelerini goýuma goýmak, karzlary we töleg kartlaryny almak üçin arza tabşyrmak, bank kartlaryna pul geçirmek, bank hasabyny dolandyrmak, ondaky pul serişdelerini gözegçilik etmek, geçirilen amallaryň taryhyny görmek ýaly şertleri ýetirýär. Programma üpjünçiligi bank ulgamyna ykjam bank tehnologiýalaryny ornaşdyryp, işleri awtomatlaşdyrmaga, hyzmatlaryň görnüşlerini giňeltmäge, olaryň tizligini ýokarlandyrmaga, bank işiniň netijeliligini, dürslügini, takyklygyny we hilini gowulandyrmaga ýardam eder.

Umuman, taryh üçin uly bolmadyk 30 ýyldan gowrak döwürde ýokary ykdysady kuwwata eýe bolan Türkmenistan döwletimiziň ösüşlerine mynasyp goşant goşýan Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň hem Garaşsyz döwletiň gadamlary bilen aýakdaş ösüşi ýylsaýyn artýar. Aslynda, ýurdumyzyň milli ykdysadyýetiniň her bir ulgamynyň ösüşi Garaşsyzlyk düşünjesine kesgitlemedir, onuň aýdyň beýanydyr. Milli bank ulgamynyň işiniň ösüşlerini hem buýsançly taryhyň sahypalarynda beýan etmek bolýar. Türkmenistanyň başlangyjy bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan kabul edilen Kararnama esasynda bütin dünýäde giňden dabaralandyrylјak 2025-nji — «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak» ýylynda daşary ykdysady gatnaşyklar ulgamynda hem täze ösüşli menzillerine ýetiler.

**Jeren ERNEPESOWA,**
Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň
Meýilleşdiriş we seljeriş müdirliginiň başlygy



# DÖWREBAP HYZMATLAR ÖSÜŞ ÝOLUNDA

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzda hormatly Prezidentimiziň durmuşa nazarlanan ykdysady syýasaty netijesinde raýatlarymyz bagtyýar durmuşda ýaşaýar. Ýurdumyzyň milli bank ulgamynda amala aşyrylýan işleriň netijesinde karz edaralarynyň kanunçylyk-hukuk binýady kämilleşdirilýär.

«Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011–2030-njy ýyllar üçin Döwlet Maksatnamasyna», «Türkmenistanyň ykdysady, maliýe we bank ulgamlaryny ösdürmegiň 2019–2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasyna» laýyklykda bank ulgamyna sanly tehnologiýalary giňden ornaşdyrmak arkaly töleg ulgamyny dünýäniň ösen döwletleriniň derejesinde guramak, geçirilýän nagt däl hasaplaşyklaryň gerimini giňeltmek, internet üsti bilen tölegleri amala aşyrmak mümkinçiliklerini giňeltmek, belent sepgitlere tarap bedew bady bilen öňe barýan milli ykdysadyýetimizi maksatnamalaýyn ösdürmeklige gönükdirilen wezipeleri ýerine ýetirmek üçin bank işjeňligi häzirki döwrüň talaplaryna laýyklykda gurnalýar, öňde goýlan sepgitlere üstünlikli ýetilmeginde döwlet maksatnamalarynyň döwrebap, kämil bolmagynyň we durmuşa geçirilmeginiň ähmiýeti uludyr, esasan hem bank tarapyndan müşderilere hödürlenýän bank hyzmatlar, dünýä banklarynyň iş tejribelerine laýyklykda täze hyzmatlar yzygiderli bank işjeňligine girizilýär.

Alnyp barylýan işleriň çäklerinde bank tarapyndan eýeçiligiň döwlete dahylly we dahylsyz taraplaryna, önümçilik pudaklaryna we ilata häzirki zaman bank hyzmatlaryny hödürlemekde ýokary netijeler gazanýar. Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik bankynyň esasy maksady ýurdumyzyň raýatlaryna ýokary derejelerde hyzmat etmeklik bolup durýar. Bank tarapyndan müşderilere karzlaşdyrma, goýum amallary, hasaplaşyk amallary, onlaýn hyzmatlar, bank kartlaryň dürli görnüşleri boýunça hyzmatlar hödürlenýär.

Hormatly Prezidentimiziň Kararyna laýyklykda ýaş maşgalalaryň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowlandyrmak maksady bilen durmuş guran ýaş maşgalalara zerur bolan öý goşlaryny we hojalyk harytlaryny satyn almak üçin 3 (üç) ýyl möhletli ýyllyk 1(bir) göterim bilen 20 000 (ýigrimi müň) manat möçberinde nagt we nagt däl görnüşinde karz serişdeleri berilýär. Karzyň bu görnüşi boýunça bank tarapyndan şu ýylyň fewral aýynda 154 sany ýaş çatynjalara 3,1 mln. manada golaý möçberde, karzyň sarp ediş maksatly berilýän görnüşi boýunça 2,2 müňe golaý raýatlara 64,5 mln. manatdan gowrak möçberde, raýatlara karzyň ipoteka maksatly berilýän görnüşi boýunça 170-den gowrak raýata 98,2 mln. manada barabar möçberinde karz serişdeleri resmileşdirildi.

Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik banky tarapyndan häzirki wagtda ýurdumyzyň raýatlaryna berilýän karzlara mysal hökmünde şu aşakdakylary görkezmek bolar:

-üpjünçiligine girew emlägi resmileşdirilen ýagdaýynda sarp ediş maksatlary üçin 100 000,00 manada çenli;

-üpjünçiligine 2 sany zamunçyny resmileşdirmek şerti bilen ýa-da kepillik remileşdirilen ýagdaýynda sarp ediş maksatlary üçin 40 000,00 manada çenli;

-karz alyjynyň özüniň we zamun bolujysynyň girdeji çeşmeleri ýeterlikli bolan halatynda 1 sany zamunçyny resmileşdirmek şerti bilen sarp ediş maksatlary üçin 30 000,00 manada çenli;

-üpjünçiligine 1 sany zamunçyny resmileşdirmek şerti bilen ýa-da kepillik resmileşdirilen ýagdaýynda sarp ediş maksady üçin 20 000,00 manat.

# SELJERIŞ MAKALALARY

Häzirki wagtda ýurdumyzyň ähli künjeklerinde raýatlarymyzyň nagt däl hasaplaşyklaryň amatlyklaryndan peýdalanmak üçin ähli mümkinçilikler döredilýär. Ýurdumyzyň islendik ýerinden bankomatlaryň, töleg terminallaryň, «Internet-bank», «Mobil-bank» we «Elektron söwda» ulgamlarynyň üsti bilen nagt däl görnüşde hasaplaşyklar şol sanda hasaplaşyklaryň göni «onlaýn» tertibinde amala aşyrylmak boýunça işler ýola goýuldy we yzygerli kämilleşdirilýär.

2025-nji ýylyň ýanwar-fewral aýlarynda bank tarapyndan ornaşdyrylan «Internet-bank» ulgamynyň üsti bilen geçirilen tölegleriň möçberi 635,4 müň manat, «Mobil-bank» ulgamy arkaly geçirilen tölegleriň müçberi 1 847,1 müň manada deň boldy. Bankymyz tarapyndan hyzmat edilýän bankomatlaryň sany 443, terminallaryň sany 7,6 müňden geçdi, eýeçiligiň görnüşine garamazdan söwda we hyzmat ediş nokatlarynda nagt däl hasaplaşyklary amala aşyrmak üçin gurnalyp ulanylmaga berildi. Bu görkezijiler hyzmatyň amatly mümkinçiliklerden peýdalanýan müşderileriň sanynyň günsaýyn artýandygyny görkezýär.







Mundan başga-da bank tarapyndan daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdeplerinde okaýan talyplaryň okuw we gündelik çykdajylary üçin«VISA» we «Master Card» bank kart hasaplaryna manat serişdelerini onlaýn görnüşde özbaşdak goýmaga we erkin daşary ýurt puluna öwürmäge mümkinçiligi döredýän «Onlaýn halkara töleg» hyzmatyndan peýdalanmak üçin şertler döredildi. Tölegi onlaýn görnüşinde amala aşyrmak üçin raýatlarymyz bir gezeklik banka gelip, tölege degişli resminamalary getirenden soň, bank işgäri tarapyndan internet arkaly ähli sazlamalary ýerine ýetirilýär. Şeýlelik bilen, bankyň resmi www.tnbk.tm internet sahypasynyň «Onlaýn hyzmatlar» bölüminde ýerleşdirilen «Internet-bank» bölümçesiniň üsti bilen raýatlarymyz hyzmatyň amatly mümkinçiliklerinden peýdalanyp bilerler.

Sanly ulgamda ýerine ýetirilýän hyzmatlaryň gerimini giňeltmek, müşderilere amatly mümkinçilikleri döretmek maksady bilen, bank tarapyndan «Onlaýn kabulhana» hyzmaty işe girizildi. Hyzmata laýyklykda raýatlarymyz banka barmazdan sanly ulgam arkaly günüň islendik wagtynda bankyň resmi www.tnbk.tm internet sahypasynyň «Onlaýn hyzmatlar» bölüminde ýerleşdirilen «Onlaýn kabulhana» bölümçesiniň üsti bilen bank tarapyndan berilýän güwanamalary, bank kartlaryny sargyt etmek we gaýtadan çap etmek, şeýle hem karz almak üçin onlaýn görnüşde ýüzlenip bilýär. Geçirilýän bu işleriň ählisi bankyň müşderiler bilen aragatnaşyk usullarynyň döwrebaplaşmagyna, sarp edilýän wagty we harajatlary tygşytlamaga, amallary öz wagtynda geçirmäge,ýurtda durnukly ykdysady ösüşi üpjün etmäge, netije-de ýurdumyzyň raýatlarynyň hal-ýagdaýyyny has-da gowulandyrmaga gönükdirilendir.

Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlaryny üstünlikli dowam etdirýän hormatly Prezidentimiziň tagallalary bilen ýurdumyzyň gazanýan ösüşleri, halkara gatnaşyklardaky üstünlikleri bilen bagly möhüm wakalar mynasybetli her ýyly döwrebap atlandyrmak asylly däbe öwrüldi. Türkmen halkynyň gadymdan gelýän parahatçylyk söýüjilik,ynsanperwerlik

ýörelgeleriniň durmuşa geçirilmegi netijesinde halkara giňişlikde döwletimiziň hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesiniň ähmiýeti yzygiderli ýokarlanýar we täze many-mazmuna eýe bolýar.

Milli Liderimiz tarapyndan başy başlanyp, hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýän, deňhukuklylyk, özara düşünişmek, hoşniýetli goňşuçylyk, oňyn Bitaraplyk ýörelgelerine esaslanýan daşary syýasatymyz dünýä bileleşiginde giň goldaw tapýar. Gahryman Arkadagymyzyň ýiti zehininden, jöwher paýhasyndan dörän «Türkmenistan parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» atly ajaýyp goşgusynyň esasynda, Milli Liderimiziň gymmatly maslahatlaryna eýerip hem-de Türkmenistanyň başlangyjy bilen Birleşen Milletler guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan «2025-nji ýyl – Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» atly Kararnama biragyzdan kabul edildi. Bu çözgüt esasynda 2025-nji ýylyň şygary «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýip yglan edildi. «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak» ýylynda ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygynyň ýurdumyzyň taryhyna altyn harplar bilen ýazyljak şanly wakalaryň biri bolup durýar. Diýarymyzda Birleşen Milletler Guramasy bilen bilelikde geçiriljek halkara çäreleriň, ýurtlaryň arasynda parahatçylygy we ynanyşmagy berkitmek, Durnukly ösüş maksatlaryny ýerine ýetirmäge goşant goşmak babatda möhüm waka boljakdygyna berk ynam bildirilýär.

Halkymyzyň abadançylygy, rowaçlygy ugrunda ýadawsyz tagallalar edýän, bank ulgamynyň işini has-da kämilleşdirmäge şert döredip berýän Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli alyp barýan işleri mundan beýläk hem rowaç alsyn.

**Merjen GURBANYÝAZOWA,**
Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik bankynyň
«Galkynyş» şahamçasynyň baş buhgalteriniň orunbasary

# RAÝATLARYŇ BÄHBIDINE GÖNÜKDIRILEN SANLY BANK HYZMATLARY

Dünýäde ylmyň we tehnologiýanyň näderejede çalt ösýändigini bu ugurlardaky özgertmeleriň durmuşymyza ýygy-ýygydan, günsaýyn ornaşýandygyndan hem görmek bolýar. Aslynda sanly ulgamyň edil şu günki günde ösüşiň hereketlendiriji güýji diýilse dogry bolar. Şonuň üçinem häzir dünýä jemgyýetiniň ýaşaýyş-durmuş şertleriniň aglaba bölegi sanly ulgamyň çygrynda amal edilýän işleriň netijesinde ýeňilleşýär. Häzirki döwürde ykdysadyýetiň dürli pudaklaryna sanly ulgamy ornaşdyrmakda öňde durýan wezipeler ýurduň ykdysady ösüşini, senagaty, hyzmatlar ulgamyny, söwdany hem-de beýleki ulgamlaryň işini ilerletmäge itergi berjek täzeçil taslamalaryň durmuşa geçirilmegi bilen baglydyr.

Ýurdumyzda sanlylaşdyrma döwrüne netijeli taslamalar bilen gadam basyldy. «Türkmenistanda 2019 — 2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasynyň» çäklerinde beýleki ugurlar bilen bir hatarda maliýe-bank ulgamynda dünýä tejribesine kybap gelýän sanly hyzmatlary
işläp taýýarlamak we bar bolanlaryny has-da kä-
milleşdirmek göz öňün- de tutuldy. Ykdysadyýeti
sanlylaşdyrmak konsepsi- ýasy geljekde uly tasla-
malary, şol sanda sanly bank hyzmatlarynyň dur-
muşa işjeň ornaşdyrylma- gyny özünde jemleýär. Şu
günüň nukdaýnazaryn- dan seljerilende, sanly
bank hyzmatlarynyň umumy ösüşi ýokary bo-
lup, raýatlar üçin oňaýlyly- gy döredýän özgertmeler
amala aşyrylýar. Sebä- bi maglumat ulgamlary
tehnologiýalary pudagyn- da, tehnologik ösüşiň tä-
zeçil ugurlaryny ýola goý- makda türkmen tejribesi
baýlaşýar. Dünýädäki özgertmeler bilen deň
derejede ösmegi nazar- laýan çemeleşmeler oňyn
netije berýär.




Ýurdumyzyň bank ulgamynyň ösüş depgini
bazar gatnaşyklaryna ge- çilýän häzirki şertlerde
barha ýokarlanýar. Mu- nuň esasy sebäbi, bazar
gatnaşyklary öňi bilen ähli ykdysady gurallaryň
işjeňligini talap edýär. Şu nukdaýnazardan,
banklar ykdysadyýetiň hereketlendiriji güýjüne
öwrülýär. Bank işiniň ösüşine häzirki zaman
innowasion serişdeler we tehnologiýalar gör-
netin täsir edýär. Halkara bazarynda internet arkaly amala aşyrylýan hyzmatlaryň arasynda öňdebaryjylaryň hatarynda bank hyzmatlary durýar. Sebäbi olaryň kömegi bilen hasaplamalary we gözegçiligi geçirip bolýar. Bu bolsa müşderiler üçin amatlydyr. Şunuň bilen baglylykda, bank hyzmatlaryny giňeltmek, dünýä derejesiniň iň öňdebaryjy usullaryny we innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmak, pul serişdeleriniň kadaly dolanyşygyny üpjün etmek, ilatyň boş duran pul serişdelerini önümçilikde maýa goýumlaryna gönükdirmek boýunça ýurdumyzyň pul dolanyşygyna täze maliýe gurallaryny işläp taýýarlamak boýunça işler alnyp barylýar.

Häzirki wagtda ençeme döwletlerde internet arkaly bank hyzmatlaryny alyp barýan

banklaryň işi nusga alarlykdyr. Sebäbi bu günki günde sanly bank hyzmatlaryna isleg bildirýän müşderileriň sany barha artýar. Ýeri gelende ýurdumyzyň bank ulgamynda hem elektron tölegler ulgamynyň örän giň gerim alýandygyny bellemegimiz gerek. Elektron tölegleriň ulgamy diňe bir hasaplaşyklaryň tizligini, serişdeleriň aýlanyşygyny çaltlandyrman, eýsem, bankyň serişdeleriniň dolandyrylyşyny tizleşdirmäge we düzüm bölekleriniň hasaplaşyklaryna gözegçilik etmäge hem mümkinçilik berýär.

Bütindünýä internet torunyň tizliginiň we elýeterliginiň artmagy bilen, bank ulgamynyň işine maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalaryny we maliýe hyzmatlaryny özünde jemleýän täze maliýe tehnologiýalary goşuldy. Bu bolsa maliýe hyzmatlarynyň görnüşini düýpgöter üýtgetdi we dünýä maliýe ulgamynyň täze gurluşyny talap edýär. Täze maliýe tehnologiýalary meselesi bu gün ähli çygyrda — banklarda we kompaniýalarda, käbir döwletleriň pul dolandyryjylary hem-de maliýe sazlaýjylary tarapyndan halkara forumlarda ara alnyp maslahatlaşylýar. Çünki banklaryň sanlylaşdyrylmagynda täzeçil sanly taslamalary durmuşa geçirmek işleriň ilerlemeginde juda derwaýys wezipe hasaplanylýar.

Banklaryň sanlylaşdyrylmagy diýmek örän giň mana eýedir. Umumy manyda düşünilende, ol häzirki zaman sanly tehnologiýalaryň maliýe guramalarynyň iş prosesleriniň esasy ugurlaryna ornaşdyrylmagydyr. Has takygy, bu ugurlar hökmünde dünýä tejribesinde giňden ýaýran şu ýörelgeleri mysal getirip bileris:

- müşderiler bilen aragatnaşyk,
- müşderileriň karza ukyplylygyny kesgitlemek,
- hasap ýöredilişi, hasabatlylygyň kadalaşdyrylmagy,
- maýa goýum syýasaty,
- dolandyryş çözgütleriniň kabul edilmegi.

Bu günki günüň ýokary derejede ösýän maliýe we bank ulgamynyň nukdaýnazaryndan seredilende, sanly ulgamyň esasy döwrebap ýörelgeleriň biri bolup durýanlygy ýurdumyzda häzirki zaman şertleri özünde jemleýän maliýe-bank ulgamynyň kemala gelmegini şertlendirýär. Banklar tarapyndan nagt däl hasaplaşyklaryň gerimini giňeltmek, raýatlara hödürlenilýän hyzmatlaryň görnüşlerini artdyrmak hem-de innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmak maksatlary dünýä tejribesiniň iň giňden ýaýran taslamalary boldy. Şu ugurdaky başlangyçda Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky tarapyndan halkara «VISA» töleg ulgamy bilen bilelikde döredilen galtaşyksyz «Milli VISA», «Owerdraft kart» ýaly bank kartlary ornaşdyryldy, şeýle-de sanlylaşdyrmak işlerinde «Elektron söwda», «Internet bank» hyzmatlary ýola goýuldy.

Bank boýunça 2025-nji ýylyň 1-nji mart ýagdaýyna ulanyşa goýberilen bank kartlarynyň sany 500,7 müňden geçdi, töleg terminallarynyň sany 1,3 müňe ýetdi. Şu ýylyň ýanwar-fewral aýlarynda töleg terminallarynyň, «Elektron söwda» ulgamlarynyň üsti bilen amal edilen nagt däl hasaplaşyklaryň möçberi 99,17 mln. manada barabar boldy.

Müşderileriň isleglerini kanagatlandyrmak, bankyň hödürleýän hyzmatlarynyň sanyny artdyrmak, internetiň üsti bilen tölegleri geçirmek, bank kartlarynyň howpsuzlygyny ýokarlandyrmak hem-de tölegleri geçirmek bilen bagly töwekgelçilikleri peseltmek maksady bilen, Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky «VISA Virtual» atly bank kartyny ulanyşa girizdi. «VISA Virtual» halkara bank kartynyň hasaby diňe daşary ýurt pulunda açylyp, ol erkin aýlanýan puluň çäklerinde serişdeleriň gelip çykyşyny talap etmezden, fiziki şahsyň daşary ýurt pulundaky serişdeleriniň hasabyna nagt görnüşinde we gelip çykyşy diňe öz serişdeleri bolan nagt däl görnüşinde doldurylýar. Şeýle hem, bir müşderiniň bu

halkara bank kartlarynyň sany çäklendirmesiz bolup biler. Bankyň öz içerki serişde dolanyşygyny, bank amallaryny hem beýleki banklar bilen deň depginde alyp barmagy, şunuň bilen birlikde, bank tarapyndan dünýäniň ykdysady ulgamy bilen işjeň hyzmatdaşlygyň çäklerinde täzeçil ýörelgeleriň girizilmegi onuň tejribesiniň hemmetaraplaýyn häsiýete eýedigine güwä geçýär.

Geljegi uly ugurlaryň biri bolan döwrebap tehnologiýalary, şol sanda töleg kartlarynyň onlaýn usuldaky işjeňleşdirilmegine esaslanýan nagt däl hasaplaşyklaryň usullaryny giňden ornaşdyrmak Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň alyp barýan işiniň möhüm bölegidir. Sanly ulgamyň esasy şertleriniň biri bolan resmi internet sahypasynyň dolandyrylyşynda müşderileriň zerur bolan ýagdaýlaryň aglabasynda onlaýn tölegleri ýerine ýetirmegi, islendik bank amaly barada örän düşnükli gözükdirme almagy, bu ýerde uzak aralykdan habarlaşmak mümkinçilikleri göz öňüne tutulýar.

Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň «Internet-bank» ulgamynyň, «Onlaýn karz» hyzmatynyň milli tejribede giňden durmuşa geçirilmegi bank hyzmatlaryna bolan islegleriň dessin, hiç ýere gitmezden islendik ýerden peýdalanyp bilmek görnüşinde ýerine ýetirilmegine getirdi. Häzirki wagtda ýer ýüzünde giňden ýaýbaňlandyrylan ýörelge hasap edilýän ykdysady pudaklaryň sanlylaşdyrylmagy, ýagny degişli edara-kärhanalaryň işini sanly ulgam esasynda dolandyrylýan görnüşe geçirmek, onlaýn salgylanmalaryň mukdaryny artdyrmak bilen bank hyzmatlaryny ýeňilleşdirmek ugrunda netijeli işler dowam etdirilýär. Bu ugurda bankyň halkara ykdysady ulgamyndaky işjeňligini yzygiderli ýokarlandyrmagy-da öňde durýan sanly bank hyzmatlaryna degişli wezipeleri durmuşa geçirmäge esas döredýär.




«Halkara parahatçylyk we ynanyşmak» ýylynda bankyň sanly hyzmatlarynyň gerimini giňeltmek maksady bilen, «Galkynyş» töleg ulgamyny işläp düzmek bilen bagly işler geçirildi. Menzilara bank hyzmatlaryndan peýdalanmagyň bitewi ulgamyna öwrüljek täze töleg ulgamy köp sanly bank amallaryny geçirmek, bank hasabyny, karty, pul geçirimleri dolandyrmak babatda örän köpugurly mümkinçilikleri özünde jemleýär. «Internet-bank» we «Mobil-bank» taslamasy boýunça BMG-niň Ösüş maksatnamasy bilen «NETinfo» kompaniýasy tarapyndan geçirilen işleriň esasynda döredilen töleg ulgamyny ykjam enjamlar arkaly ulanyp bolýar. Ol Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň hyzmatlaryna bolan giň elýeterliligi üpjün edýär. «Galkynyş» töleg ulgamy arkaly fiziki we ýuridiki şahslar menzilara tölegleri amala aşyrmak, pul serişdelerini goýuma goýmak, karzlary we töleg kartlaryny almak üçin arzalary bermek, bank kartlaryna pul serişdelerini geçirmek, öz bank hasaplaryny dolandyrmak, ondaky pul serişdeleriniň hereketine gözegçilik etmek, şeýle hem hasaplary boýunça geçirilen amallaryň taryhyny görmek ýaly mümkinçiliklerden peýdalanyp bilerler.

Bu agzalan hyzmatlardan başga-da, ýurdumyzda galtaşyksyz töleg etmek mümkinçiligini giňden durmuşa geçirmek wajyp wezipeleriň hatarynda kesgitlenilýär. Şunuň bilen birlikde dünýä ýurtlarynda emeli aň tehnologiýalarynyň bank işi bilen baglylykda utgaşdyrylmagynda täze taslamalar döredilýär. Emeli aň tehnologiýalary häzirki günde sanly ulgamyň iň öňde-

baryjy we işjeň ornaşdyrylýan pudagydyr. Ol maliýe bazary üçin hem amallaryň ýeňilleşdirilmeginde örän peýdalydyr.

Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň alyp barýan depginli işleriniň netijesinde onuň dürli ugurlarynyň seljerilip, şu ýylda ýokary reýtinge eýe bolmagy örän buýsançly waka öwrüldi. Has takygy «Fitch Ratings» halkara baha beriş agentligi tarapyndan Türkmenistanyň ykdysady ösüşine berlen baha «B+ durnukly» derejesinden «BB - durnukly» derejesine çenli ýokarlandy. Agentlik tarapyndan Türkmenistan üçin berlen halkara derejeler ýurdumyzyň halkara maliýe abraýyny ýokarlandyrmaga, ýurdumyza çekilen daşary ýurt maýa goýumlarynyň möçberini artdyrmaga we karzlaryň şertlerini ýeňilleşdirmäge, netijede Türkmenistanyň daşary ykdysady işini has-da ösdürmäge ýardam eder.

Hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzda sanly bank ulgamyny ösdürmek boýunça amala aşyrýan giň gerimli işleri milli töleg ulgamynyň mümkinçiliklerini giňeltmäge, bank hyzmatlarynyň sanly görnüşlerini artdyrmaga, banklaryň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga, netijede ýurdumyzda sanly ykdysadyýetiň ösmegine ýardam eder. Ýurdumyzyň ykdysadyýetini, maliýe bank ulgamyny ösdürmekde taýsyz tagallalary edýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza köp sagbolsunlarymyzy aýdýarys. Goý, Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, alyp barýan il-ýurt bähbitli umumadamzat ähmiýetli işleri elmydama rowaç alsyn!

**Aýna AÝNAZAROWA,**
Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň
Maglumat we tilsimatlar müdirliginiň esasy hünärmeni,
ilkinji zenanlar guramasynyň işjeň agzasy

# TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI

## Тенденции развития банковской системы Туркменистана

## Development trends of the banking system of Turkmenistan

**2025-nji ýylyň 1-nji mart ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň şahamçalarynyň sany barada maglumat**

Сведения о количестве филиалов кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 марта 2025 г.

